# Hindi henekleri

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hindi henekleri HINDI HENEKLERI

– Ynanmarsyňam, dost, men söýýän gyzyma üç ýyllap gün yrman hat ýazdym.
– Ýeri, söýgiňiziň soňy näme bilen gutardy?
– O gyz poçtada işleýän ýigide durmuşa çykdy oturyberdi.

* * *

– Eger ýöräp barýarkaň öňüňden ýolbars çyksa nädersiň?
– Men hiç zadam etmen… Näme etjek bolsa ýolbars eder!

* * *

Bir adam barjamly kişiden pul sorapdyr.
– Dilegçilik ýagşy zat däl! – diýip, barjamly oňa düşündiripdir.
– Men sizden pul soraýan, maslahat soramok! – diýip, dilegçi ýeňsesini tüňňerdipdir.

* * *

Aýaly:
– Siz meň başga birine durmuşa çykmagymy isleýäňizmi?
Adamsy:
– Ýok. Meň beýlekilere-de ýigrenji bolasym gelenok.

* * *

Ölüm ýassygynda ýatan bir adam aýalyna şeýle maslahat beripdir:
– Men amanadymy tabşyramsoň, obamyzdaky Guptaja durmuşa çykgyn.
Aýaly muňa ör-gökden gelipdir:
– Aýdýanyň näme? Ol seniň ganym duşmanyň ahyry!

– Dogry, keywany. Şeýdip men ondan arymy almakçy…

* * *

Ejesi oglundan sorapdyr:
– «Kim köp geplemeşek» ýaryşynda birinji ýer alanyňy eşidip kakaň näme diýdi?
Ogly şeýle diýipdir:
– Öňürti-hä ýüzi duw-ak boldy, soňam içini çekip: «Senem ejeňe çekipsiň!» diýdi.

«Watan» gazeti, 1996 ý. Degişmeler